Türkmen-Hytaý işewürler forumy

Hytaý Halk Respublikasy, Şanhaý şäheri
2026-njy ýylyň 6–7-nji noýabry

Hormatly hanymlar we jenaplar!

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy Sizi 2026-njy ýylyň 6–7-nji noýabrynda Şanhaý şäherinde IX Hytaý halkara sergisiniň çäklerinde geçiriljek Türkmen-Hytaý işewürler forumyna gatnaşmaga hormat bilen çagyrýar.

Geljekki Forum Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady we maýa goýum hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de berkitmek we giňeltmek, iki ýurduň döwlet edaralarynyň hem-de işewür toparlarynyň wekilleriniň arasynda göni gatnaşyklary ýola goýmak, şeýle hem özara bähbitli hyzmatdaşlygyň täze we geljegi uly ugurlaryny kesgitlemek üçin möhüm işewürlik meýdançasy bolup hyzmat eder.

Forumyň işewürlik maksatnamasynyň çäklerinde söwda we maýa goýumlar, ulag we logistika, sanly tehnologiýalar, gurluşyk we binagärlik, senagat, şeýle hem özara gyzyklanma bildirilýän beýleki geljegi uly ugurlar boýunça ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmak meýilleşdirilýär.

Çäräniň maksatnamasynda döwlet edaralarynyň, degişli pudaklaýyn guramalaryň, öňdebaryjy türkmen we hytaý kompaniýalarynyň hem-de işewür toparlarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda mowzuklaýyn mejlisleriň we panel maslahatlarynyň, şeýle hem G2G, B2G we B2B görnüşindäki ikitaraplaýyn duşuşyklaryň we gepleşikleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Mundan başga-da, gatnaşyjylary Şanhaý şäherindäki öňdebaryjy kompaniýalaryň işi, öňdebaryjy tejribesi, döwrebap tehnologiýalary we önümçilik mümkinçilikleri bilen has içgin tanyşdyrmak maksady bilen kompaniýalaryň merkezi ofislerine we önümçilik desgalaryna işewürlik saparlaryny guramak göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy tarapyndan "Türkmen maslahatçylar topary" hojalyk jemgyýetiniň goldawy bilen guralýan Forum gatnaşyjylara Türkmenistanyň we Hytaýyň bazarlarynda iş alyp barmagyň mümkinçilikleri bilen tanyşmaga, potensial hyzmatdaşlar bilen göni gepleşikleri geçirmäge hem-de geljekki hyzmatdaşlygyň anyk ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berer.

Sizi Türkmen–Hytaý işewürler forumynyň gatnaşyjylarynyň hatarynda görmekden hoşal bolarys we Siziň gatnaşmagyňyzyň Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady, maýa goýum we işewürlik gatnaşyklaryny mundan beýläk-de berkitmäge saldamly goşant goşjakdygyna ynanýarys.

Türkmenistanyň
Söwda-senagat edarasynyň
başlygy

M.GURDOV

"Türkmen Maslahatçylar Topary"
hojalyk jemgyýetiniň
baş direktory

M.Mämmetalyýew

TMT Consulting Group

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy

https://cci.gov.tm/
+993 12 39 89 81

"Türkmen maslahatçylar topary"
hojalyk jemgyýeti
https://tmt.tm/en/
+993 12 75 36 48